# DFF – SAFA

| | |
|---|---|
| **Ýurt:** | TÜRKMENISTAN |
| **Taslama Belgisi:** | 51164 |
| **Işiň görnüşi:** | Önümçilik we hyzmatlar |
| **Habarnamanyň Görnüşi:** | HUSUSY |
| **Daşky Gurşawy Goramak boýunça Derejesi:** | B |
| **Kesgitlenen tassyklama senesi:** | 2020-nji ýylyň 24-nji marty |
| **Ýagdaýy:** | Tassyklanan |
| **Taslamanyň Gysgaça Mazmuny (PSD) Görkezilen:** | 2020-nji ýylyň 07-nji apreli |

## Taslamanyň beýany

Türkmenistanda polietilen we polipropilen gaplamalary öndürmekde öňde baryjy kompaniýa bolan “Safa” 1.5 million ABŞ dollary möçberinde karz bilen üpjün etmek. Kompaniýa täze enjamlary satyn almak arkaly özüniň önümçilik kuwwatyny giňelder we bazarda daşyndan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň paýyny artdyrar.

## Taslamanyň maksatlary

Plastik paketleri öndürmek üçin zerur enjamlary satyn alynmak. Taslama, “Safa” önümleriniň görnüşlerine artdyrmaga we bazardaky ornuny berkitmäge mümkinçilik berer.

## Geçiş tapgyryna täsiri

ETI 80

DFF SME gurluşy ilkinji nobatda kärhanalaryň gurluşynyň üýtgedilip gurnalmagy, has netijeli ýa-da hünärmençilik derejesiniň ýokarlandyrylmagy arkaly ýardam bermek bilem kiçi we orta kärhanalaryň bäsdeşlige ukyply hil derejesini üpjün etmeklige gönükdirilendir. Kömekçi taslamalar ikinji derejeli maksatlar hökmünde, beýleki geçiş tapgyrynyň häsiýetlerine gönükdirilip bilner. Emma kada bolup gelşi ýaly, taslamalaryň köpüsi, kärhanalara maliýe dolandyrylyşyny gowulandyrmaklyga ýardam etmek ýa-da energiýanyň netijeli ulanylyşyny ýokarlandyrmaga ýa-da daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam bermek bilen ekologiki taýdan arassa hili üpjün etmek arkaly “gowy

doladyrylýan” hile goldaw berýärler. Bu taslama aşakdakylar öz goşandyny goşýar:

1. Täze önümiň girizlmegi netijesinde, kämilleşdirilen jemi girdejisi arkaly bäsdeşlige ukyply hili we

2. Kompaniýanyň eksportyny köpeltmek we dürlileşdirmek arkaly toplumlaýyn hili

**Müşderi barada maglumat**

“SAFA” Hususy Kärhanasy
Türkmenistanda hasaba alnan we hereket edýän ýuridiki şahs bolup durýar. Kompaniýa ýurtda polietilen (PE) we polipropilen (PP) gaplamalary öndürmekde öňde baryjy kompaniýalaryň biri bolup durýar.

**ÝÖÖB-iň maliýeleşdirme möçberi**

1,500,000.00 ABŞ dollary
Taslama plastik paketleriň öndürilmek üçin zerur ýörite enjamlaryň satyn alynmagyny göz öňüne tutýar.

**Taslamanyň umumy bahasy**

4.400.000,00 ABŞ dollary
Taslamanyň umumy bahasy 4,4 million ABŞ dollary.

**Daşky Gurşaw we Sosial Meseleleriň Gysgaça Mazmuny**

Ekologiki we sosial syýasat 2014 boýunça B kategoriýasyna degişli edildi. Taslama bilen baglanyşyky ekologiki we sosial netijeleri anyk ýer üçin aýratynlykly bolandygyny geçirilen toplumlaýyn barlag tassyklady we olar maksatlaýyn meýilnamanyň durmuşa geçirilmegi bilen ýeňilleşdirilip bilner. Toplumlaýyn barlag ESD-niň çäklerinde geçirilip, müşderi tarapyndan doldurylan jikme-jik soragnamany we degişli resminamalaryň gözden geçirilmegini öz içine alýar.

Müşderiniň bu çemeleşmesi degişli milli kanunçylygy berjaý etmeklige we täze enjamlara degişlilikde bar bolan rugsatnamalaryň alynmagyna gönükdirilendir. Hazirki wagtda müşderi zaýa plastmas önümleri gaýtadan işleýär we tehnologiki prosessiň netijesinde emele gelýän zyňyndylary dolandyrmak üçin howa çekiji howalandyrma ulgamyny ulanýar. Müşderi daşky gurşawy we sosial taýdan gorag dolandyryş ulgamyny (DGweSG) maksadalaýyk işläp düzmäge, şol sanda kärhananyň çäklerinde bu meseleler boýunça degişli hünärmeni wezipä bellemäge hem borçlydyr. Ulgamyň esasy bölegi howplary ýüze çykarmak, töwekgelçiliklere baha bermek we täze enjamlar üçin iş düzgünlerini işläp taýýarlamak ýaly wezipelerden ybaratdyr. Mundan başga-da bar bolan adatdan daşary ýagdaýlar üçin kesgitlenen meýilnama täze enjamyň işe girizilmezden öň özgerdiler.

Kompaniýa öz izgärleri bilen gatnaşyklarda berjaý edýän syýasatynyň netijeliligini üpjün etmek maksady bilen (PR) 2, ÝÖÖB-nyň talaplaryna laýyk getirer we şol sanda işgärleriň arz-şikaýatlaryna garamak boýunça mehanizmi işläp düzer we ornaşdyrar. Taslmanyň gerimine laýyk gelýän we “PR10” talaplarynyň çäklerinde arz-şikaýatlara garamagyň daşky mehanizmi dörediler.
Ýokarda görkezilen hereketleriň ählisi Müşderi bilen ylalaşylan Daşky gurşawy goramak we sosial üpjünçilik boýunça meýilnama girizilendir (DGGSÜM).

**Tehniki hyzmatdaşlyk**

Maýa goýum ýerine ýetirilmezden öň taslama aşakdaky TH-ler bilen goldaw berlendir:

1. Toplumlaýyn maliýe barlagy:

- Esasy maksady Kärhananyň maliýe ýagdaýyny barlamak;
- Maliýeleşdirme çeşmeleri; Merkezi Aziýa üçin kiçi we orta kärhanalary maliýeleşdirme mehanizmi, Tapgyr 2 / Ýörite paýdarlar gaznasy (SSF);
- Jemi/pul birligi we maliýeleşdirme ýagdaýy: 13,000 Ýewro

2. Toplumlaýyn ýuridiki barlagy:

- Esasy maksady: häzirki hukuk ýagdaýynyň gözden geçirilmegi we hukuk resminamalary düzmek/olar boýunça gepleşikleri geçirmek;
- Maliýeleşdirme çeşmeleri; Merkezi Aziýa üçin kiçi we orta kärhanalary maliýeleşdirme mehanizmi, Tapgyr 2 / Ýörite paýdarlar gaznasy (SSF);
- Jemi/pul birligi we maliýeleşdirme ýagdaýy: 14,660 Ýewro

Kompaniýa ýokarda görkezilen iki tabşyrygyň 30 göterimini jemi 8, 298 ýewro möçberini paýlaşýar.

3. Halkara maslahat beriş taslamasy

- Esasy maksatlary: 1) Kompaniýanyň strategiýasyny işläp taýýarlamak; 2) Kärhananyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak; 3) Kompaniýanyň eksport maksatly önümleriniň hilini ýokarlandyrmak.
- Maliýeleşdirme çeşmeleri; Merkezi Aziýa üçin kiçi we orta kärhanalary maliýeleşdirme mehanizmi, Tapgyr 2. Kompaniýa taslama bahasynyň 10-12 göterimini paýlaşar (6000 ýewro we 7200 ýewro).
- Tabşyrygyň 2020-nji ýylyň birinji ýarymynda başlanylmagy meýilleşdirilýär.

**Goşmaça**

- Maliýeleşdirme gurluşy: Karzyň möçberi ortaça bazar görkezijisinden ýokary we (b) karz Taslamanyň gurluşlaýyn düzümini emele getirmek üçin zerur bolan bazar boşlugyny dolduryan uly göwrümli guraldyr;
- Töwekgelçiligi azaltmak: (a) uly töwekgelçiligi üstüne aljak we/ýa-da innowasiýalar we täze bazarlara çykmak ýaly ahyrky netijeleri maliýeleşdirýän müşderi üçin oňaýlylyk döredýän müşderi bilen uzak möhletleýin gatnaşyklar, (b) ÝÖÖB müşderi üçin maliýe bilen bagly bolmadyk töwekgelçilikleri azaltmak bilen oňaýly şertleri döredýär.

**Kompaniýa bilen habarlaşmak üçin maglumatlar**

Kerim Çaryýew k.chariev.71@gmail.com +99365505000 +99312245800
Türkmenistan, Aşgabat ş., Bagtyýarlyk etraby, Ruhabat Ý/T, Garagum köçesiniň 6 jaýy 744010